# Peýkam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Peýkam PEÝKAM

***21-nji fewral*: Şu gün şahyr Italmaz Hudaýberdiýewiñ doglan güni.**

Ak guwlaryñ ýeleklerne çalymdaş,
Gum astynda pynhan ýatan peýkam men
Şar gara zemistan müñ esse gowy,
Ak guşlaryñ göwsün gana çaýkandan..

Yhlas bilen böwsüp ýaýyñ dartuwyn,
Nyşanadan sowa geçdim bir demde.
Süýnüp gitdim unudulan ruh deýin,
Nähak gany götermek kyn gerdende.

Şindem meni goýanok öz erkime,
Uzakda şartyldap çekilýän ýaýlar..
Ýuwdup iñläp gelen oklañ awusyn,
Guşlaryn sag-aman ugradýar ýaýlam.

Gum astynda ýatan pynhan peýkam men,
Ykbalym ters geldi,
Ýol ýasap gökden…
…Synmadyk ganatlañ ýylysy ýatyr
Bir çak çal Zemine sanjylan okda…

Italmaz HUDAÝBERDIÝEW. Goşgular